TÜRKENISTANYЄ MILLI MEDENIÝET
«MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝaZMALAR INSTITUTY

ABU NASR MUHAMMET
IBN MUHAMMET FARABY

# PARASATLY SÖZLER

AŞGABAT «MITAS» 2005

## BEÝIK ALLANYЄ ADY BILEN

Men ýunan akyldary Eflatunyň dana kitaplaryny okap görüp, olary terjime edip, olardan täsirlenip, dini ynanjyma daýanyp, taze bir eser döredip, akyl eýelerine ýetirmegi ýüregime düwdüm. Bu kitap köplere öwüt-ündew bolar.

* * *

Şer, erbet işleri edýän adamlar bilen ýoldaş bolmaň, olardan dost tutunmaň. Şeýle ýoldaş ýa-da dost tutunan ynsan salamatlygyny we rahatlygyny ýitirer.

* * *

Eger döwleti dolandyranyňda akyldarlara ýüz berip, olar bilen maslahatlaşsaň, ähli aýşy-eşret we lezzet saňa gulluk eder. Ylym eýelerinden ýüz öwürseň bolsa, döwlet – aýşy-eşrete we pyssy-pyjurlyga gulluk eder.

* * *

Zürýatlaryňyzy öz ýaşan döwrüňizde alan terbiýäňiz boýunça terbiýelejek bolmaň, sebäbi olar başga döwürde ýaşaýandyrlar.

* * *

Hiç haçan işiň tiz wagtda ýerine ýetirilmegini talap etmäň, onuň gowy ýerine ýetirilmegini talap ediň. Sebäbi adamlar senden ol işiň näçe wagtda ýerine ýetirilendigini däl-de, nähili ýerine ýetirilendigini talap ederler.

* * *

Uly işleri etmäge çalyşýan kiçi adamy ýazgarmaň.

* * *

Eger ynsan erbet gylyk-häsiýetlere endik eden bolsa, onda bu gylyk-häsiýet onuň ömrüniň ahyryna çenli ýaran bolar.

* * *

Eger ynsan köp, biderek we manysyz gürläni üçin pul tölemeli bolsa, onda ol beýle gürrüňlerden daşda durardy.

* * *

Eger sen ylma hyzmat edýän bolsaň, onda hiç haçan bu edýän işiňe ökünme. Sebäbi galan adamlar saňa hyzmat ederler.

* * *

Ynsanyň ylym bilen gazanan gazanjy aýdymçynyň aýdym aýdyp ýa-da tansçynyň tans edip gazanan gazanjyndan köp esse lezzetlidir.

* * *

Haýyr-yhsanly iş etmäge çalyşýan adam – dost tutunar. Şer, erbet işleri etmäge çalyşýan adam – duşman tutunar.

* * *

Ylym ýagşy adama-da, ýaman adama-da berlip biler. Emma akyldarlyk, danalyk diňe Allanyň söen ynsanlaryna berilýändir.

* * *

Eger kimdir biri seniň ondan garaşmaýan hereketiňi etse, onda ol adam babatyndaky garaýşyňa täzeden ser sal.

* * *

Ähli adamda zehin hem bolýar, erbet gylyk-häsiýete ymtylyş hem bolýar. Emma olaryň özleri olardan haýsy hem bolsa birini saýlaýarlar.

* * *

Erbet gylyk-häsiýetli ynsanlar edil siňegiň ýagşy zatlary terk edip, zibile gonuşy kimin, adamlaryň içinden erbet işlere ýykgyn edýän adamlary gözläp tapýarlar we şolardan dost tutunýarlar.

* * *

Eger hökümdar raýatlaryna deň göz bilen seretmän zulum etse, onda onuň tebigatyndaky haýyr bilen şeriň deňölçegliligi ýiter.

* * *

Eger kimdir birine ynanyp, ony dost tutunsaň, onda onuň dostunyň dostuny hem dost tutun! Emma onuň özüniň we dostunyň duşmanyny duşman tutunma! Sebäbi beýle etmek gula ýaraşar. Akylly adamyň hojaýyny bolmaz, emma öz pikiri bolmalydyr.

* * *

Durmuşda çekip bolmajak keşik ýokdur.

* * *

Eger kimdir birini öwseň, çendan aşa öwme, sebäbi ol saňa ýokardan sereder we seni pes adam hasap eder.

* * *

Bir işiň başyna barmazdan öň akyl bilen aýşy-eşretiň tapawudy hakynda ýagşy pikir et! Akyl ynsany haýyr işlere gönükdirer. Aýşy-eşretiň soňy bolsa pyssy-pyjurlykdyr we masgaraçylykdyr.

* * *

Alymdan nadanlyga garaşmaýşyň ýaly, nadandan hem haýyr işe garaşma!

* * *

Eger kimdir biri garaşylmadyk baýlyga eýe bolsa, onda onuň adamlaryň arasynda özüni alyp barşy düýbünden üýtgär.

* * *

Eger seniň ýagşy gylyk-häsiýetli dostuň bar bolsa, ondan görelde al we onuň nesihatyna eýer.

* * *

Ähli işiňde ýagşy pikir et we sabyrly bol! Alňasan adamyň özi üçin niýetlenilen bagtyň duşundan geçip gitmegi mümkin.

* * *

Akylly adam hassa bolup ajy derman içende saglygyň näderejede lezzetlidigine göz ýetirer.

* * *

Iki sany ýagşy gylyk-häsiýetli adam Duşuşanda özleri duýmasalar-da, olaryň arasynda dostluk peýda bolar.

* * *

Aýşy-eşrete bolan höwes, pyssy-pyjurlyga bolan höwese elter. Gazaplanmak we gaharjaňlyk dawa-jenjele we masgaraçylyga elter. Ylma bolan höwes bolsa ýokary derejä, mertebä we abraýa elter. Şeýdip, adamlaryň arasynda üç sany gatlak emele geler. Ylymly adamlaryň ylmyndan alýan lezzeti we gazanan abraýy müdimilikdir. Bular ýokary gatlakdaky

adamlardyr. Aýşy-eşretden alynýan lezzet göz-açyp ýumasy salym dowam edýändir. Bular orta gatlaga degişli adamlardyr. Emma adamlaryň arasynda dawa-şer gözläp, urşup masgara bolýan adamlar biabraýdyr we şermendedir. Olar adamlaryň iň aşaky gatlagyna degişlidir.

* * *

Hökümdar raýatlaryna deň göz bilen seredip, olaryň hal-ahwalyndan habar almaly. Ol gahar-gazaba münen wagty hiç hili netije we karar çykarmaly däldir. Sebäbi şeýle wagt onuň akylyny we kalbyny şeýtan eýeleýändir.

* * *

Hökümdar ähli döwlet işlerini ylymly we akylly adamlar bilen maslahatlaşsa, raýatlary ondan razy bolarlar.

* * *

Hökümdar eden ähdini ýadyndan çykarmaly däldir. Sebäbi hökümdar beren wadasyny ýadyndan çykaran halatynda adamlar «ol ähdinden dändi» diýip, pikir ederler.

* * *

Öwülýän adam öwýäniň sözlerine köp gulak goýmaly däldir. Sebäbi onuň ýalan sözleriniň aňyrsynda nähilidir bir gizlin syr we maksat ýatandyr. Öwülýän adam hüşgärligini elden bermän, netijä gelmezden öň ýagşy pikir etmelidir.

* * *

Eger hökümdar ölüme buýrulan adamyň günäsini geçip, oňa ömür bagyş etse, bu eden işine ökünmeli däldir. Sebäbi günäsi geçilen adam ömri ötýänçä özüniň pes, onuň günäsini geçen adamyň bolsa beýik adamdygyna göz ýetirer we bu onuň üçin ölümden-de agyr jeza bolar.

* * *

Eger sen ynsana ýagşylyk etseň, ýagşylygyň gaýdyp geler we uly abraýa eýe bolarsyň. Eger sen kimdir birine ýamanlyk etseň, saňa-da ýamanlyk ederler we sen adamlaryň arasynda biabraý bolarsyň.

* * *

Hökümdaryň abraýy we şan-şöhrat gazanmagy özüne baglydyr. Eger ol halkyň halyndan habar alyp, olara adyl göz bilen seredip, müşgil işlerini ýeňletse,

onda ol abraýa eýe bolar. Eger ol köp gürläp, az işlese, halkyň halyndan habar alman nogsanlyklara ýol berse, onda ol abraýdan gaçar we tagtyny saklamak üçin esgerleriň gylyjyna daýanyp, serkerdeleriň guluna öwrülmeli bolar.

* * *

Döwletiň gülläp ösmegi, ähli işleriň kadaly alnyp barylmagy gönüden-göni hökümdara baglydyr. Döwlet işgärleriniň we raýatlaryň dogry ýoldan ýöremegi hem hökümdara baglydyr. Sebäbi olar hökümdardan görelde alýandyrlar.

* * *

Içigara, bahyl adamlar ejiz adamlardyr. Olaryň içigaralygyna şonuň ýaly jogap bermeli däldir. Onda sen hem şolaryň hataryna goşularsyň. Olaryň ötünji ýürekden çykýan gury owaz ýa-da köne kitabyň saralan sahypalaryna ýazylan öçügsi hat ýalydyr. Olary bu keselden diňe Alla halas edip biler.

* * *

Baýlyk toplamak örän hupbatly işdir. Ony sowmak bolsa has kyn meseledir. Sebäbi baýlyk jemlemegiň we ony sowmagyň ýollary aýry-aýrydyr.

* * *

Pul soralanda bermedik adamlaryň ählisine «gysganç» diýip bolmaz. Megerem, ol pul soraýan adamyň gözlerinde özüniň bu puly gazanmak üçin çeken kynçylyklaryny we onuň aňsatlyk bilen sarp edilişini gören bolsa gerek.

* * *

Bilim bilen ylmyň arasynda uly tapawut bardyr. Bilim bu öň bilýän zadyňy ýaňadan ýadyňa salmakdyr. Ylym bolsa öň bilmeýän zadyňy öwrenip, ömürlik ýadyňda saklap, soňra geljekki nesle öwretmekdir.

* * *

Hiç kimiň ýanynda baýlygyň bilen öwünme! Sebäbi öwünjeňligiň peýdadan köp zyýan getirmegi ahmal.

* * *

Ylymly adam ylmyny dana pikirlerden ugur alyp ulansa, örän köp baýlyk gazanar.

* * *

Ylmyň bolsa hökümdara hyzmat et! Eger ondan ýüz tapmasaň, onda ylmyňy baý täjire sat! Täjirden sen

baýlyk gazanarsyň. Emma hökümdaryň ýanynda bolsaň, at-abraý we şan-şöhrat gazanarsyň. Beýle abraýy hiç bir mal-dünýä berip hem gazanyp bilmersiň.

* * *

Eger seniň paýyňa hökümdara hyzmat etmek düşen bolsa, onda durmuşyň ähli kynçylyklaryna taýýar bol! Sebäbi seniň ýeriň arzyly ýerdir. Ol ýeri eýelemek üçin duşmanlaryň hiç zatdan gaýtmazlar.

* * *

Hökümdar we onuň wezipeli adamlary aýşy-eşretden we dürli lezzetlerden daşda bolmalydyr. Sebäbi olar aýşy-eşrete we lezzetlere gümra bolsalar, raýatlaryň müşgil işlerinden habar alman, olaryň başyndan inen kynçylyklary duýman, gapyl galarlar. Müňlerçe ynsanyň ykbaly olaryň ellerindedir.

* * *

Hökümdar aýşy-eşrete berlende, onuň keýpine şärik bolma! Sebäbi ol şol wagt seni özi bilen deň gören hem bolsa, akylyna aýlanandan soň, has pes görmegi ýa-da ýigrenmegi ahmal.

* * *

Tagta münmän, «men hökümdar» diýme. Sebäbi duşmanlaryň alyndan we hilesinden ýaňa, ol tagta ýetmezligiň mümkin.

* * *

Eger duşmanyňa erbetlik isleseň, ondaky bar häsiýetler bilen oňa jogap ber. Şeýle etseň ol özüniň häsiýetleriniň nähilidigine göz ýetirer we öz-özüni seniň ony ýigrenişiňden hem beter ýigrener.

* * *

Eger sen hökümdar bolmak isleseň, onda ilki bilen ýagşy pikir et. Sebäbi müňlerçe adamyň ykbaly seniň eliňde bolmalydyr. Sen Allanyň ýerdäki emini bolmalysyň. Her bir raýatyň kynçylygy we müşgil işi seniň kynçylygyň we müşgilligiňdir. Emma sen bu wezipeden boýun gaçyran ýagdaýyňda tagta zalym adamyň geçjekdigini bilseň, onda pursady elen bermän, haýal-ýagallyk etmän tagta geç we raýatlaryň arasynda adyl höküm sür.

* * *

Hökümdar eden haýyr işleri üçin raýatlaryndan öwgi we şükür aýtmaklaryny tama etmeli däldir. Hökümdar raýatlary üçin erkek adamyň maşgalada maşgalabaşy bolşy kimindir. Ol raýatlarynyň

penakäridir. Penakäriň pena isleýänlerden nämedir bir zada mätäç bolmagy utançdyr.

* * *

Hökümdar ýurda kynçylyk inende ejizlemeli däldir. Ejizlemek we haýbatdan jyda düşmek onuň duşmanlaryna güýç-kuwwat berer we raýatlaryny ruhdan düşürer. Ruhdan düşen halkyň peşeçe güýji bolmaz.

* * *

Üç zatda, ýagny tupanda galan gämide, söweş meýdanynda we hökümdaryň mejlisinde gyssanmaçlyk uly zyýan ýetirip biler.

* * *

Aýşy-eşrete, lezzete höwes edýän guly satyn alma. Sebäbi onuň esasy hojaýyny aýşy-eşret we lezzet bolar. Ol özüniň höwesini kanagatlandyrmak üçin saňa ýalan sözlär we dürli hili hilelere ýüz urar. Ol özüniň gul, seniň bolsa hojaýyn edip ýaradylanyňa gynanyp, seni ýigrener. Beýle guly terbiýelemek we dogry ýola salmak örän kyn bolar.

*  *  *

Günäkär bolup kimdir birinden ötünç sorap, özüňden göwnüň hoş bolup begeneniňden, eden işiňe gynanyp, ökünip aglanyň ýagşydyr.

*  *  *

Gahar-gazap edil erbet gylykly adamyň saňa ýoldaş bolup, seniň işleriňde ýardam berip, ahyrynda seni özüne kem-kemden tabyn edip, ýaran tutunyşy kimin, özüne tabyn eder. Gahar-gazaby özüne ýaran tutunan adam akyldan we ylymdan daşlaşar.

*  *  *

Adamlar üç tüýsli, ýagny haýyr-yhsan edýän, şer işler bilen meşgul bolýan we ikiýüzli bolýarlar. Haýyrly adamlar diňe haýyr-yhsan işler bilen meşgul bolup, seniň ol hakynda ýalan gürrüňler edendigiňi bilse-de, seni ýagşylykda ýatlar we agzyndan hiç hili paýyş söz çykmaz. Erbet gylykly adam şer işler bilen meşgul bolup, adamlara diňe ýamanlyk eder. Ol adamlaryň aýbyny gözläp, kä halatda töhmet atmakdan hem gaýtmaz. Ikiýüzli adam saňa hiç zat diýmezem, saňa garşy iş hem etmez. Ol seniň bilen dost bolşy ýaly, seniň duşmanyňy hem dost tutunar. Emma seniň halyň teňleşendigini gören güni senden doly ýüz öwrer.

* * *

Eger sen nämedir bir zady ýerine ýetirmek isläp, onuň hötdesinden gelip bilmeseň we kimdir birinden ýardam soramaly bolsaň, onda mert, özüňden ruhy we maddy taýdan beýik adamdan kömek sora! Ol saňa ýardam edip, hiç haçan eden ýardamy hakynda dil ýarmaz we senden hiç zada garaşmaz. Emma sen namarda ýa-da özüňden pes adama ýüz tutsaň, onda ol saňa ýardam berer we ähli üýşmeleňlerde eden kömegini ýatlar hem-de seniň oňa doly boýun bolup, sadyk gul kimin, onuň diýeninden çykmazlygyňy islär.

* * *

Tertip-düzgün we nyzam döwletiň sütünidir. Şol gowşak bolan halatynda döwlet gowşak bolar.

* * *

Döwletiň kanunlaryna ähli raýatlar boýun bolmalydyrlar. Olar kanuna gulluk etmelidirler. Eger kanun adama gulluk etse, onda ol döwlet dargamak bilen bolar.

* * *

Ýagşy gylyk-häsiýetli adam haýyr iş edende, ol bu eden işinden ömrüniň ahyryna çenli lezzet alar. Emma

pasyk adam şer iş edende, ol şol wagt bu eden işinden lezzet alsa-da, soňra utanmaly we ökünmeli bolar.

* * *

Hökümdar özüniň döwlet işgärleriniň şahsy işleri bilen içgin gyzyklanyp, olaryň maşgala ýagdaýyna goşulmaly däldir. Emma ol özüne ýakyn adamlary gözden-de salmaly däldir. Sebäbi olaryň dil birikdirip, hökümdara garşy çykmaklary-da mümkin.

* * *

Döwlet ýolbaşçysy hiç haçan öz eden işlerinden göwnühoş bolup, raýatlarynyň müşgilliklerinden gapyl galmaly däldir.

* * *

Bir gezek ýalan sözlän adam ömrüniň ahyryna çenli kezzaplygy kesp ediner we ony özüne ýaran tutunar.

* * *

Käbir nadanlar kimdir biriniň üstüne töhmet atyp, eden töhmetini «nesihat» diýip, düşündirmek isleýärler. Emma ol beýle däldir. Nesihat dost kalbyndan syzylyp çykyp, nesihat edýän adam ýüregi bilen nesihat edilýäniň dogry ýola düşmegini islär. Em-

ma özüniň töhmetini «nesihat» diýip, atlandyrýan adamyň käbir aýdýan sözleri dogry bolsa-da, ol adamy dogry ýola salmak üçin däl-de, köteklemek, ýazgarmak we masgara etmek üçin aýdylan sözlerdir.

* * *

Samsyk, nadan adam eşidenine ynanyp, gahar-gazaba jylawyny berýändir we oňa tabyn bolýandyr. Akylly, ylymly adam eşidenini ölçerip-döküp, diňe şondan soň herekete girýändir. Emma akylly adam nähili hereket etse-de, gahar-gazaba özüni aldyryp, şer işlere baş goşýan däldir.

* * *

Keseliniň näderejededigini we onuň sebäbini bilmän, ölüm hakynda gürrüň edýän hassa nadanyň baryp ýatanydyr.

* * *

Zäherlenen adamynyň gözüniň açyklygy ony dirä we gulaklarynyň gapylyp, hereketden galmagy ölä meňzeder.

* * *

Ýaşlygynda aýşy-eşrete we gahar-gazaba tabyn bolup, olara hyzmat eden ynsan, garrylyk çagynda eden işleriniň ejirini çeker. Ýaşlygynda alan lezzeti agyry we hassalyk görnüşde onuň bedenine gaýdyp geler.

Ýaşlygynda dana pikirlere we akyla hyzmat eden adam garran çagynda eden işleriniň hözirini görer. Ol özüniň akylyna eýerip, şer işlerden daşda durandygyna, adamlara başardygyndan haýyr-yhsan edendigine guwanyp rahat ýaşar we durmuşdan lezzet alar.

* * *

Ýagşy işler bilen meşgul bolup, aýşy-eşretden, gahar-gazapdan daşda durup, ýüregini gara pikirlerden päk saklan adamyň ömri gysga-da bolsa, ol hakyndaky ýagşy ýatlamalar müdimidir. Haýyr-yhsan edip ýaşan adamlar gabrynda rahat ýatarlar we olaryň ruhlary ähli ejirlerden azat bolar.

* * *

Ynsan ruhdan we bedenden durýandyr. Adamlar biri-biri bilen gürleşende, pikir alşanda olaryň bu işini ruhlary ýerine ýetirýändir. Adam zähmet çekende, ony beden ýerine ýetirýändir. Emma olaryň ikisi hem

amanatdyr. Wagty gelende olaryň ikisi-de, Allanyň gaşyna gaýdyp barýandyr.

* * *

Eger kimdir biri gören zadyny başgaça suratlandyryp, şol suratlandyran zadyna özi sähelçejik ynansa, ol adam kezzaplyga tarap ilkinji ädimini äder we oňa ýüreginden ýer berer.

* * *

Ýaman adam bilen ýoldaş bolma! Sen ony ýagşy ýola salmankaň, özüň ýoluňy urduryp, onuň pasyk ýoluna düşmegiň mümkin.

* * *

Güýjüňden artyk, hötdesinden gelip bilmejek işiňe ýapyşma! Güýjüň asgyn geljegine göz ýetirip, emma tamakinçilige ýüz urup, kişi ýerine göz gyzdyrma. Kimdir birini ýeriňe şärik edenden, az ýeriňde ýeke höküm süreniň ýagşydyr.

* * *

Ýeňiş gazanmak üçin diňe bir güýç-kuwwat ýeterlik däldir. Güýç-kuwwatyňa akyl-paýhas ýaran bolsa, gysga wagtda we ýitgisiz ýeňiş gazanyp bolar.

* * *

Hiç bir zat bölekleýin subut edilýän däldir. Sebäbi kiçijik bölejikler hem tutuşluga eltýändir.

* * *

Akylly adam diňe özüniň akylynyň bardygyna we akyla nädip ýetendigine doly göz ýetirende, akyldan ýokarda nämeleriň bardygyna göz ýetirer.

* * *

Ynsanyň tebigaty we onuň nebsi elmydama biri-biri bilen göreşde bolýar. Olaryň haýsy hem bolsa biri beýlekiden üstün çyksa, ynsanyň adatylygy ýitýär. Ol ikisiniň deňagramlylygyny saklamak akyla baglydyr. Nebis çyranyň peltesi kimindir. Tebigat bolsa otdur. Pelte oda ýakynlaşanda, peltäniň ýanyşy kimin, nebis adamyň tebigatyndan üstün çyksa, tebigat açgözlüge öwrüler.

* * *

Wagty sarpaly tutup, ýerine ýetirmeli işiňe gereginden artyk wagt sarp etme. Her zady öz wagtynda ýerine ýetirmek dogruçyllygyň alamatydyr. Ýaşlygyndan şeýle gylyk-häsiýete endik eden adam, «nämedir bir zada ýetişmedim» diýip, ökünmeli bolmaz we ýalan sözden daşda bolar.

* * *

Azat adamyň esasy häsiýetleriniň biri sabyr-takatlylyk bolmalydyr. Bu häsiýet oňa özünden ýokardakylaryň igenjini, özünden aşakdakylaryň hetden aşmalaryny çekmäge we durmuşda gabat gelýän dürli kynçylyklary ýeňmäge ýardam berer.

* * *

Ynsanyň näderejede ýagşy adamdygyny, onuň adamlar bilen edýän gatnaşygyndan görmek bolar. Eger kimdir biri ýagşy gylyk-häsiýeti bilen özüni adamlara gowy görkezip bilse, onda adamlar oňa «patyşa häsiýetli» diýerler. Eger ol hökümdarlygy maksat edinse, adamlar ony şol derejä ýetirerler. Eger hökümdar adyl höküm sürmän, raýatlaryna zulum etse, raýatlary ony tagtyndan agdaryp bilerler. Hökümdar raýatlaryň penakäri, raýatlar bolsa hökümdaryň daýanjy bolmalydyrlar.

* * *

Pes gylyk-häsiýetli erbet adamlar köpçülige goşulyp bilmezler. Sebäbi köpçüligiň olara bolan ýigrenji, olary köpçülikden daşda saklar. Köpçülik ýagşy gylyk-häsiýetli adamynyň özlerinden nämedir bir zady gizlin

saklaýandygyny bilenlerinde, ondan daşlaşarlar we ony ikiýüzli adam hasaplap, pesleriň hataryna goşarlar.

* * *

Wagyz-nesihaty diňlemän, halkyň urp-adatyndan, özüňe ýakyn we akylly adamlardan daşlaşmak iň uly ýalňyşlyklaryň biridir.

* * *

Akylly adam özüniň güýjünden artyk gazanja kowalaşmaly däldir we kimdir birine hyzmat etse-de, öz häsiýetine meňzeş adama hyzmat etmelidir.

* * *

Hökümdar özüniň ýakyn adamlaryny nä derejede gowy görse-de, seresaplylygy elden bermeli däldir. Hökümdaryň gyrnaklary, aşpezi we köşkden daşlaşdyrylan adamlar hemişe onuň göz astynda bolmalydyrlar.

* * *

Aşa şatlanmak hem uly aýplary açýandyr. Şatlanan adam özüni ýitirip, köp gürleýär we aýtmasyz zatlary hem aýdýar. Şonuň üçin şatlygyňy hem diňe dostuň ýa-da örän ynamly adam bilen bölüş.

* * *

At-abraý gazanmak üçin ylym ýoluna düşen adam, söwdasy oňan söwdagär ýalydyr. Gazanç etmek üçin ylym öwrenen adamyň geljegi onuň ykbalyna baglydyr. Eger ykbal oňa gülüp baksa, ol baý adamlaryň biri bolar. Eger ykbal ondan ýüz öwürse, ol ýoluny ýitiren sergezdan bolar.

* * *

Döwrüň üýtgäp duran wagty öňe ýa-da yza düşjek bolman, aralykda bolmaga çalyş. Sebäbi hökümdarlyga öňdäkilerden biriniň ýa-da yzdakylardan biriniň gelmegi ahmaldyr.

* * *

Ýagşy gylyk-häsiýetli, dinli we ahlakly adam hiç haçan utançly bolmaz. Bu üç zadyň eýesi bolan ynsan özüne özi höküm eder.

* * *

Kimdir birine baha bermekçi bolanyňyzda, onuň aslyna we ýaşan döwrüne seredip baha bermän, onuň özüni synlap, pikir edip we ýagşy ölçerip-döküp baha beriň.

* * *

Diňe bahyl, gysganç adam dört zatdan, ýagny bergisini bermezlikden, işsiz geçen günden, agzalalykdan we ýurtdaky gopan pitneden lezzet alyp biler.

* * *

Ata-babalarynyň gazanan at-abraýyna guwanyp, olara meňzemäge çalşan ynsan adamlaryň arasynda üstünlik gazanar we ata-babalarynyň gazanan abraýyny has-da zyýada eder. Ata-babalarynyň at-abraýyna daýanyp, emma olaryň ýoluny tutmadyk ynsan köpçüligiň gözünden düşer we ata-babalaryna-da ysnat getirer.

* * *

Özüňden erjel, nebisjeň we hilegär adam bilen ýoldaş bolma. Sen hemişe onuň kölegesinde bolarsyň.

* * *

Eger sen kimdir biriniň senden güýçlüdigine göz ýetirseň, onuň bilen ýagşy gatnaşykda bol we özüňiň asgyndygyňy boýun alyp, oňa baş egmäni başar.

* * *

Bagtyň çüwüp, hökümdara hyzmat etmeli bolsaň, ak ýürekden wepalylyk bilen hyzmat et! Sebäbi hökümdarlaryň iň ýigrenýän zady biwepalyk we dönüklikdir. Eger sen özüňden pes adama hyzmat etmeli bolsaň, onda saňa diňe sabyr-takatlylyk ýaran bolup biler we ol häsiýet seni sussypeslikden halas eder.

* * *

Arzuwdyr hyýal hem güýçli adamlara laýykdyr.

* * *

Ýagşy bilen ýamanyň tapawudyny bilmedik, öwgi bilen sögünjiň tapawudyny hem bilmez.

* * *

Hökümdar ýurdy adyllyk we ýumşak häsiýetlilik bilen dolandyrmalydyr, jenaýatkärlere-de gyýa göz bilen seredip, zulum etmeli däldir. Sebäbi olar hem ýurduň raýatlarydyr we öz wagtynda höküm çykarylyp, eden günäleri üçin jeza çekendirler.

* * *

Ýaşuly adamlaryň nesihatyny diňlemelidiginiň esasy sebäbi, olar senden öň bu ýollary geçip, onuň belentli-pesli ýerlerine beletdirler. Olaryň bu ýaşda aýşy-eşretden daşlaşmagy dogry oýlanmaga ýardam berýär. Olar özleriniň geçen ýoluna ser salyp, uzak oýlanýarlar. Emma bu ýoly täzeden geçmäge olara rugsat berilmez. Şonuň üçin hem olar ýaşlara wagyz-nesihat edýärler. Şeýle eden ýaşulular adamlaryň arasynda at-abraýa eýe bolýarlar.

* * *

Ynsan ýaşamak üçin iýip-içmelidir. Emma köpler iýip-içmek üçin ýaşaýandyrlar.

* * *

Eger baýlyk jemleseň, bu baýlygy gazanýan wagtyň ony sowýan wagtyňdan uzak bolsun. Eger sen ylym öwrenseň, onda ony öwrenýän wagtyňdan başgalara öwredýän wagtyň uzak bolsun.

* * *

Ogry hiç haçan baýlyga we ylma eýe bolmaz. Sebäbi bu iki zada uzak wagt azap çekilmegi bilen ýetilýändir. Ogry bolsa taýýar zada eýe bolýandyr.

* * *

Eger-de ylym öwrenýäne ylym hiç bir kynçylyksyz, ýeňillik bilen gelse, ol ylym çägä ýazylan hat kimin derrew gider. Kynçylyk bilen ýetilen, öwrenilen ylym bolsa daşa salnan nagyş kimindir. Ylma kynçylyk bilen ýetilende, alymyň zehini açylýar we ylym hakyndaky düşünjesi, oý-pikiri zyýada bolýar.

* * *

Nadanlygyň nämedigine göz ýetiren adama alym diýmek bolar.

* * *

Kömege mätäç bolanyňda garrylara maslahat sal. «Olar güýçsüz» diýip ruhdan düşme. Garrylar güýçsüz hem bolsa durmuş tejribeleri bardyr. Köp ýerde maksada güýç ýa-da pul bilen ýetilmän, garrylaryň dana pikiri bilen hem ýetmek bolar.

* * *

Kimdir birine maslahat salmakçy bolsaň, ilki bilen iň ýakyn adamyňa ýüz tut! Has gowusy ömrüni dogry ýaşan garry ýaşula maslahat sal! Eger ol ýaşuly seniň kakaň bolsa, onda has-da gowy bolar. Sebäbi hiç bir

ene-ata öz bagryndan önen perzendine ýamanlyk islemez.

* * *

Pikir et! Elbetde, aýşy-eşret lezzetlidir, özüne çekijidir. Emma dynç, rahat ýaşamak, adamlara haýyr-yhsan etmek ondan-da lezzetlidir.

* * *

Raýatlaryna sylag-serpaý etmäni başarýan hökümdar sahydyr. Mynasyp adamlary hormatlamak we sylag-serpaý ýapmak hökümdaryň boýnundaky borçdur. Hökümdaryň sylag-serpaý etmegi raýatlara ýagşy görelde bolar we ýurtda ylmyň ösmegine ýardam eder.

* * *

Hökümdar hemişe raýatlaryna adyl seredip, rehim-şepagatly bolmalydyr. Raýatlar bolsa öz gezeginde hökümdara boýun bolup, döwletiň ähli kada-kanunyny doly berjaý etmelidirler.

* * *

Senden haraý we penakärlik tama edip, ýanyňa gelen adamdan ýüz öwürme, oňa ýardam et we dogry ýola düşýänçä hemaýatkär bol!

* * *

Ýamana ýanaşma, onuň bilen ýoldaş bolmak hem onuň edýän şer işlerine şärik bolmakdyr. Sen ony haýyr-yhsana çagyrmazdan ozal, ol seni şer iş etmäge mejbur eder.

* * *

Sabyr-takatly bolmak gyssanmaç ýagdaýda bir netijä gelip, soňra masgara bolmakdan halas eder. Hökümdara hyzmat edýän adamlar sabyr-takatly bolan ýagdaýynda başlary aman bolar.

* * *

Özüni elde saklap bilen adam başgalara hökümdar bolup, olary boýun edip biler.

* * *

Durmuşda her hili ýagdaýa duşulýar. Onda akyllynyň nadana, güýçliniň güýçsüze we sahy garybyň gysganç baýa mätäç hem-de boýun bolmagy iň erbet ýagdaýlaryň biridir.

* * *

Tebip hassanyň keselini anyklap, onuň sebäbini bilip, däri-derman edýändir. Emma ähli derdiň dermany ol derdi bereniň elindedir. Tebip bolsa diňe araçy we sebäpkärdir.

* * *

Hökümdar ýakyn adamlarynyň edýän işlerine göz ýumup, görmediksirän ýagdaýynda, hiledir mekirlikden el çekende, olaryň hakyky sypatyna göz ýetirer. Emma beýle ýagdaý uzaga çekse, tagt howp astynda galar.

* * *

Nadany göreniňde alymyň nä derejede beýik ynsandygyna göz ýetirersiň. Enäniň garnyndaky çaga hem nadandan haýyrlydyr. Nadanyň esasy häsiýetleriniň biri keçjallykdyr. Nadana maslahat berlende, ol keçjallyk eder, onuň maslahatyna eýermez we kyn ýoly saýlap alar.

* * *

Kimdir birine garaşylmaýan ýerden ýardamyň gelmegi we garaşmaýan adamyňdan ýamanlygyň çykmagy, ynsanyň ejiz edip ýaradylandygynyň alamatydyr.

* * *

Seniň duşman hasap edýän adamyň saňa kyn ýagdaýyňda nesihat etse, ol saňa duşman däl-de dostdur. Sebäbi nesihat bermek dostuň edýän işidir.

* * *

Bedeni kuwwatly adam güýçli däl-de, akylly, ylymly adam güýçlüdir.

* * *

Hökümdar bir deňizdir, onuň emeldarlary we ýakyn adamlary bolsa derýadyr. Derýa özüniň suwuny eltip deňze guýýandyr. Diýmek, derýanyň suwy süýji bolsa, deňiz hem süýji bolar. Eger derýanyň suwy duzly bolsa, deňiz hem duzly bolar.

* * *

Serkerdeler we ýurduň edermen adamlary ýurdy duşmandan gorasalar-da, hökümdary ünjä goýýandyrlar. Sebäbi olar dil birikdirseler, hökümdaryň olara garşy goýara hiç hili güýji ýokdur. Serkerdeler pitne turuzanda, ýurtda aljyraňňylyk döreýär. Şonuň üçin hökümdar olary gözden salmaly däldir. Sylag-serpaý edip, olary özüne ýaran tutun-

malydyr. Tebibiň hassanyň derdine em edip, keseli bejerişi kimin, hökümdar hem ýurtda gopjak pitnedir agzalalygyň öňüni almagy başarmalydyr.

* * *

Akyl bilen aýşy-eşrediň tapawudy – akyl wagty saňa tabyn eder, aýşy-eşret bolsa seni wagta tabyn eder.

* * *

Tamakinçilige ýüreginden ýer beren ynsan, öz el-aýagyna gulçulyk gandalyny salar.

* * *

Nebsine «haý» diýip bilmeýän adam azat däldir. Ol nebsiň guludyr. Kanagatlylyk we sabyr-takatlylyk azatlygyň esasy sütünidir. Nebis adamy masgaraçylyga eltse, kanagatlylyk oňa diňe abraý getirer.

* * *

Haýyr-yhsan eden adamyň ýüzi utançly bolmaz. Ynsanyň ähli edýän işleri ilki bilen onuň pikirinde döreýändir. Eger onuň kellesinde şer iş etmek pikiri döräp, bu pikiri amala aşmasa, ýüreginde gaýgy-gam we gorky dörär. Eger-de amala aşsa, onda kimdir biri

bu pikiriň pidasy bolar. Eger onuň kellesinde ýagşy iş etmek pikiri döräp, bu pikiri başa barmasa-da, özünden göwni hoş bolar we şatlanar. Eger-de bu pikiri başa barsa, ol uzak wagtlap eden işinden lezzet alar.

* * *

Üç zat, ýagny, ýumşak häsiýetlilik, söýgi we azatlyk ynsana berlen esasy zynatlardandyr.

* * *

Sahy adamyň minnet bilen beren zadyny alanyňdan, gysganç baýdan diläp alan zadyň has gowudyr.

* * *

Bergiňi berip bilmek hem sahylygyň bir görnüşidir.

* * *

Ynsan özüniň edýän işleriniň dogrudygyna doly göz ýetirmelidir we nebsini jylawlamany başarmalydyr.

* * *

Haýyr-yhsan iş eden, ylmyny ösdüren we adyl höküm süren patyşa ölýän däldir. Ol müdimidir. Şeýle hökümdar panydan baka göçenden soň hem onuň eden

işleri ýagşylykda ýatlanar. Onuň ady asyrlardan asyrlara geçip, taryhda öçmejek yz galdyrar. Ol özünden soňky nesle görelde bolar.

* * *

Her bir işiň gadyryny bilgin we sarpa goýgun, şonda seniň hem gadyryň bilner we saňa-da sarpa goýlar.

* * *

Her zadyň ýagşy tarapy bolşy ýaly, ýaman tarapy hem bardyr. Emma sen onuň ýagşy tarapyndan bar. Ýaman tarapyny görmediksire. Şeýle etseň, sen ony özüňe boýun edip bilersiň.

* * *

Köp adamlar özleriniň käbir gylyk-häsiýetini ýaşyryn saklamak isleýändirler. Emma olar gyssanmaç hala düşenlerinde ýa-da şerap içenlerinde bu gylyk-häsiýetleri dury çeşmäniň düýbünde ýatan daş kimin äşgär bolýandyr.

* * *

Akylly adam özüne dost tutunmalydyr we çaganyň ýaşlygyndan terbiýelenişi kimin ýa-da ýaňy düýp tutan

nahalyň idedilişi kimin, ony diňe ýagşy işlere gönükdürmelidir. Ýaşlygynda ýagşy terbiýe alan çaga ene-atasyna hormat goýar, ýaşlygynda idegi gowy bolan nahal soňra süýji miwe berer.

* * *

Nähilidir bir aýp iş etmekçi bolsaň, ilki bilen özüňden utan. Sebäbi sen etjek işiňi başgalardan gizlin ýagdaýda edip bilersiň. Emma özüňden gaçyp gitjek ýeriň ýokdur.

* * *

Kimdir biriniň içki pikirini bilmäge synanyşma, sebäbi ony bilen ýagdaýyňda gaýgy-gama batyp, ruhdan düşmegiň ahmal.

* * *

Aýşy-eşretiň lezzetini akyldan ýokary tutma! Sebäbi aýşy-eşretiň getirjek bela-beterinden seni ýene-de gorajak akyldyr.

* * *

Ýüregiňde gorky dörese-de, ony hiç haçan daş-töweregiňdäkilere bildirme! Ynsanyň ejizländigini

görende onuň ýakyn adamlary hem ondan ýüz öwrüp, ony depelemäge çalişýarlar.

* * *

Hiç haçan gazaplanmagyn! Sebäbi gazaplanan adam akyl jylawyny elden giderýändir. Gahar-gazap haýwana mahsusdyr. Ynsana bolsa ondan tapawutlylykda akyl we sabyr-takatlylyk berlendir.

* * *

Ata-babalaryňa eden ýagşy işlerine guwanyp, olaryň at-abraýyny zyýada etmäge çalyşmak hem haýyr-yhsanyň bir görnüşidir.

* * *

Söýgi iň uly güýje eýedir. Akyl ynsany köp zatdan gorasa-da, söýginiň öňünde baş egip, oňa doly tabyn bolýandyr.

* * *

Hökümdar nämedir bir zatda ýalňyşýan hem bolsa, seniňki ýalňyş diýme-de, onuň etmekçi bolýan zadyny amala aşyrmagyň dürli ýollarynyň bardygyny aýdyp, ol ýollary sypatlandyr. Olardan haýsy hem bolsa birini saýlap almak hökümdara baglydyr.

* * *

Hökümdar etjek işlerini oýlanyp, ölçerip-döküp etmelidir. Çünki, raýatlarynyň ykbaly onuň elindedir. Onuň her bir permany adyllyga ýugrulan bolmalydyr. Ol müňlerçe ynsanyň içinden Allatagalanyň saýlap alan ynsanydyr. Onuň her bir çözgüdiniň ýa-da ýalňyşynyň aňyrsynda ynsan ykbaly, ýagny onuň raýatlarynyň ykbaly ýatandyr.

* * *

Hökümdaryň adyl ýa-da zalym bolmagy köplenç onuň daş-töweregindäki adamlara-da bagly bolýar. Ýanyndakylar oňa dogry maslahat berseler, ol adyllygyň ýoluny tutar. Eger onuň ýanyndakylar ýaramaz maslahat berseler, ol zulum eder.

* * *

Hiç haçan hökümdaryň ýigrenýän adamyna golaýlaşma, ondan daşda durmaga çalyş! Sebäbi seniň hem bu ýigrenje şärik bolmagyň ahmal.

* * *

Hökümdaryň mejlisinde seniň duşmanyň bolup, ol hem seni gürletmek islese, diňe hökümdar ejaza berse

gürlegin, bolmasa-da agzyňa suw alan kimin dymgyn! Sen hökümdardan gürlemäge ejaza soranyňda, oňa seniň diliň soltan mejlisinde diňe öwgüdir sena aýtmakdan we hökümdaryň eden haýyr-yhsan işlerini ýatlamakdan başga zatlara endik etmändigiňi aýt. Soňra oňa baş egip, özüň doly boýun bolýandygyňy bildirip, onuň ejazasyna garaş. Duşmanyň töhmetinden seni diňe Alla we hökümdaryň parasatlylygy halas edip biler.

* * *

Eger dost tutunsaň, dogry sözlüden dost tutun. Sen şer iş edeniňde saňa ýaran bolýan dost däl-de, seni şer işlerden saklap, haýyr işe gönükdirýän adam saňa hakyky dostdur. Şeýle dostuň bolsa onuň gadyryny bilgin we ondan aýrylmagyn!

* * *

Söýgi päk ýürekde dörän arassa duýgudyr. Söýgi ornaşan ýürek başga muşakgaty götermez. Sebäbi iň uly muşakgatlaryň biri söýgüdir. Söýgi nä derejede päk hem bolsa ol akyl bilen aýşy-eşretiň ortasynda durandyr. Emma köplenç akyl hem ondan ejiz gelýändir. Ol ynsany ukudan, akyl-huşdan we tagamdan jyda düşürip, rahatlygyny elinden alýandyr. Hökümdar üçin iň uly howplaryň biri söýgüdir. Hökümi elinden alnan

adam höküm edip bilmez. Ol söýgä berlip, raýatlarynyň hal-ahwalyndan gapyl galar.

* * *

Söýgi keseldir, onuň degen adamy bolsa hassadyr. Bu derdiň dermany ýokdur. Söýgi derdine ulaşany diňe sabyr-takatlylyk köşeşdirip biler.

* * *

Hökümdarlyk Alla tarapyndan berlen nygmatdyr. Bu nygmat berlen ynsan özünden öňki adyllyk bilen höküm süren, raýatlarynyň razylygyny gazanan hökümdarlardan görelde alyp, zalymlaryň akybetiniň nähili bolandygyny bilmelidir.

* * *

Güýç-kuwwatyňa buýsanma, sebäbi senden hem güýçlüräkler bardyr. Onsoňam her bir zadyň möwriti bardyr.

* * *

Eger hökümdar saňa wezipe ynansa, sen oňa kakaňa hyzmat edişiň ýaly hyzmat et! Hiç haçan oňa haýynlyk etmegin! Hökümdarlaryň iň ýigrenýän zady haýynlykdyr.

* * *

Ogul nesil dowamydyr. Oňa hökümdaryňa seredişiň ýaly seret we ýagşy terbiýe ber. Ogul atasynyň abraýyny zyýada edip hem ýa-da ata-babasynyň jemlän abraýyndan jyda edip hem bilýändir.

* * *

Hökümdaryň hyzmatyndakaň haram baýlyk jemleme. Ol hemme zady görýändir. Sen ol baýlygy özüň gaýdyp bermeseň-de, barybir ol senden bu baýlygy alar. Sebäbi seniň gazanan baýlygyň garyplaryň gözýaşy we daban azabydyr.

* * *

Syýasat inçe ýoldur. Ol akyly, danalygy, parasaty, mekirligi, batyrlygy we ähli beýleki ylymlary özünde saklaýandyr. Syýasatçy hökümdar ýurduny aman saklamagy we hiç bir ýitgi etmän ýa-da az ýitgi bilen ýurdunyň çägini giňeltmegi başarar.

* * *

Akylyň iň ýokarky gatlagy syýasatdyr.

* * *

Ynsanda bar bolan gylyk-häsiýetleriň iň erbedi bahyllykdyr. Eger kimdir biriniň kalbynda bahyllyk orun alsa, diýmek, ol adam hiç zatdan gaýtmaz.

* * *

Bir gezek ýalan sözläp, özüniň sözüne ynanylandygyna göz ýetiren adam ýene we ýene bu kesbine dolanyp geler.

* * *

Içigaralyk ähli erbet gylyk-häsiýetleriň naýbaşysydyr. Bu gylyk gorkaklygy, zalymlygy we gysgançlygy özüne boýun etmegi başarýar. Emma şonda-da sahy adamyň ýanynda onuň ýüregi ejiz geler.

* * *

Ynsan her hili ýagdaýa düşüp biler. Eger birden sen duşmanyň tabynlygynda işlemeli bolsaň, onda ilki bilen ikiňiziň araňyzdaky duşmançylygy ýatlatjak zatlardan daşda dur. Eger kelläňe erbet pikir gelse, ony içiňden çykarman sakla! Sebäbi seniň halyň deňizde tupana düşen gäminiň haly ýalydyr. Her bir sözüňi ölçerip-döküp, soňra daşyňa çykar. Emma iň gowusy başyňy aman sypdyryp, wezipeden boýun gaçyryp ondan daşlaşmakdyr.

* * *

Akylly adam duşmanynyň ölümine şatlanmaly däldir. Tebigatyň kanunyna laýyklykda, ol öleni bilen hökman onuň ornuna başga biri geler. Onsoň hem iň ýakyn dostuň-da seniň kemçiligiňi ýüzüňe aýtmaz. Emma duşmanyň welin, gözüni gyrpman seniň aýp-laryňy saňa äşgär eder. Şonuň üçin hem duşmanyň ölümine şatlanman gynanmalydyr.

* * *

Hakykaty hiç zat bilen ýaşyryp saklap bolmaz. Güýçli ýel gelip, çägäniň aşagyndaky baýlyklaryň üstüni açyşy ýaly, günleriň birinde hakykatyň hem üsti açylýar.

* * *

Eger hökümdar özüniň adynyň müdimi ýaşamagyny islese, onda ilki bilen ýurduň kada-kanunyny doly we dogry berjaý etsin we garyp-gasaryň halyndan habar alyp, olara ýardam bersin.

* * *

Hökümdaryň ýanynda özüňi akylly saýmak, boýnuňa syrtmak asmakdyr.

* * *

Ynsan gözellikleriniň biri dile çeperlikdir. Ol adamy kyn ýagdaýlardan alyp çykyp, uly ýeňişlere eltip bilýändir.

* * *

Ynsan köňli ýagşy gatnaşyklar bilen awlanýandyr. Ýolbaşçy wezipelere adamlaryň göwnüni tapyp bilýänler mynasypdyr.

* * *

Iň hormatly kärleriň biri adamlara ylym bermekdir. Beýik şahslaryň hem ilkinji mugallymy bardyr. Diýmek, olaryň şeýle derejä ýetmeginiň esasyny goýýan onuň ylym atasydyr.

* * *

Adamlaryň razylygyny gazanmak üçin ýagşy işler et we olar bilen ýagşy gatnaşykda bol! Diniň kada-kanunlaryny berjaý edip, haýyr-yhsan bilen meşgul bolsaň, Allanyň razylygyny gazanarsyň.

* * *

Heý, adam kimdir birine mätäç bolman ýaşap bilermi? Ýok, garyp adam baýa, ylymsyz mugallyma, güýçsiz bolsa medetkäre mätäçdir. Ähli zady ýetik adamlar hem mätäçlik çekýändirler. Olar Alladan bagta mätäçdirler. Sebäbi olaryň mätäçlik çekýän zatlaryny diňe Alla berip biler.

* * *

Wagty sarpaly tut! Ähli ýitirilen zadyň öwezini dolup bolar. Emma wagtyň öwezini-de dolup bolmaz, yzyna-da dolap bolmaz.

* * *

Hiç haçan birine hile bilen duzak gurma! Bu duzaga seniň özüň düşmegiň hem ahmal.

* * *

Hökümdaryň iň ýakyn we ynamdar adamy onuň weziri bolmalydyr. Hökümdaryň weziri öz wezipesini wepalylyk we danalyk bilen ýerine ýetiren halatynda hökümdaryň işi ýeňleýändir. Wezir köşk emeldarlary bilen gereginden artyk duşuşmaly däldir. Sebäbi onuň emeldarlar bilen birigip, hökümdary tagtdan agdarmakdan aýplanmagy mümkin.

* * *

Eger sen kimdir birine ýardam bermekçi bolsaň, oňa pul bermegin! Sen onuň kalbynda tamakinçilik duýgusyny we ýaltalyk oýararsyň. Eger sen oňa bir iş ynanyp, ol ony ýerine ýetirenden soň hakyny töleseň, onda seniň bu adama uly ýardam etdigiň bolar.

* * *

Hiç haçan hökümdaryň mejlisinde sebäpsiz gülmegin. Seniň gülkiň maşgalaň ýasyna öwrülmegi ahmaldyr.

* * *

Ähli işiň başy maksat tutunmakdan başlaýar. Maksatsyz adam gözi kör bolan adam kimin ederini bilmez.

* * *

Nadana nesihat etmek ýönekeý demri altyna öwürjek bolmak kimin biderek wagt ýitirmekdir. Nadan nesihatdan öň ylym öwredilmegine mätäçdir.

* * *

Baý wagtyň garybyň üstünden gülmegin! Gije bilen gündiziň ýerini çalşyp durmagy saňa ybrat bolsun. Ykbal oýny kändir, günleriň birinde onuň bilen seniň ýeriň çalyşmagy-da mümkindir.

* * *

Kimdir birinden üstün çykmak üçin ol adamyň aýbyny gözlemegin! Aýp gözlemek ejiz adamyň we namardyň işidir.

* * *

Adamyň umydyny elinden almagyn. Megerem, umyt onuň ýeke-täk baýlygydyr.

* * *

Adam gündelik durmuşynda her gün ajal bilen ýüzbe-ýüz bolup, bagtyň bir ädim ýakynyndan geçýändir. Emma olaryň her haýsysynyň bellenilen möwriti bardyr.

* * *

Eger kimdir biri saňa içigaralyk edýän bolsa, diýmek seniň ondan artyk tarapyň bardyr.

* * *

Eger seniň duşmanyň senden ötünç sorasa, onda ol duşman däldir. Sebäbi diňe ýolundan gaýdyp, eden işine ökünýän adam ötünç sorap biler.

* * *

Kişi syryny saklap, ony ile paş etmezlik hem mertligiň bir görnüşidir.

* * *

Erbet pikirden, zanny ýamanlykdan diňe sabyr-takatlylyk halas edip biler.

* * *

Sabyr-takatly adam utançly bolup, ýüzi gyzarmaly bolmaz. Ol zalymlaryň zulumyna, rehimsizleriň adylsyzlygyna döz gelip, kyn ýagdaýda aljyraman, sagdyn pikirine daýanýandyr. Sabyrly adam ulynyň hem, kiçiniň hem göwnüni tapýar. Ol iň çykgynsyz ýagdaýda-da ruhdan düşmän, ujypsyzja mümkinçiligi ulanyp, kynçylykdan baş alyp çykar.

* * *

Ýagşy habar getirýän öwgä mynasypdyr. Sebäbi ol kimdir biriniň gamly köňlüni şatlandyrýar. Ýaman habar ýaýradýan we kimdir biriniň syryny paş edýän bolsa, sögünje we köteklenmäge mynasypdyr. Sebäbi ol adamlaryň asudalygyny, rahatlygyny elinden alyp, olaryň kalbyna gaýgy-gam ornaşdyrýandyr.

* * *

Akylly adam hökümdaryň işine goşulmaly däldir. Ol şeýle etmegi başarsa, mal-dünýä, at-abraý gazanar we uzak wagt hökümdaryň ynanan wezipesinde oňa gulluk eder.

* * *

Özüniň açgözlügini, nebsini ýeňip, kimdir birine ýardam berip, eden ýardamyna derek hiç bir zat islemeýän adam sahy adamdyr.

* * *

Käbir adamlar kimdir biriniň özüne ynanan gürrüňini başgalara gürrüň berende lezzet alýarlar. Emma şol syry saklan adam asuda, rahat ýaşar we gykylykdyr jedelden daşda bolar we durmuşdan, ýaşaýyşdan lezzet alar. Bu lezzet kimdir biriniň syryny paş edip alnan lezzetden has lezzetlidir.

* * *

Ýaşaýşy, durmuşy, özi hakyndaky ýagşy ýatlama çalşyp bilýän adam edermendir. Ýagşy ýatlamany dirilige we ýaşaýşa çalyşýan adam bolsa gorkakdyr.

* * *

Ýagşy işleri etmegi ýüregiňe düwmek – seni ýagşyzadalara haýran galyp seretmekden jyda eder. Sebäbi şonda seniň özüň hem olaryň hataryna goşularsyň we olaryň hormatyna mynasyp bolarsyň. Olara seniň niýetiň äşgär bolanda, olaryň saňa bolan gatnaşygy üýtgär. Olar saňa ýardam berip, nogsanlyklardan daşlaşmakda güýç-kuwwatyny aýamazlar. Sebäbi nogsanlyklardan doly saklanmadyk ýagşyzadalaryň hataryna goşulyp bilmez.

* * *

Eger kimdir birine höküm çykarmaly bolsaň, onda höküm çykarýan adam bilen dostlugyňy ýa-da duşmançylygyňy ýadyňdan çykar. Sebäbi bu iki zat seniň dogry we adyl höküm çykarmagyňa päsgel berer.

* * *

Hökümdara alymlardan daşlaşmak howpludyr. Onuň daşyny nadanlar gurşap alan halatynda döwlet,

onuň kada-kanuny we raýatlary howp astynda galýarlar. Ylymly adam ilkinji nobatda il-ýurt bähbitli maslahat berip, hökümdary nogsanlyklardan goramaga çalyşar. Nadan nämedir bir zat maslahat berse, ol hökümdary urgy astynda goýar we öz bähbidini arar.

* * *

Ynsan ynanç bilen ýaşamalydyr. Ynamsyz adam ertir günüň dogjagyna, geljege we hatda Alla-da ynanmaz. Ol bu gün üçin ýaşar we onuň ähli hereketi bir gün üçin niýetlenedir.

* * *

Ïedelleşmek gahar-gazabyň ilkinji basgançagydyr.

* * *

Gahar-gazaba münmegin, ol seniň erkiňi eliňden alyp, kelläňi göçürýändir. Gazap donuny geýeniňde rehimdarlyk lybasynyň hem bardygyny ýadyňdan çykarmagyn.

* * *

Adamlar bilen ýagşy gatnaşykda bolgun. Sebäbi uly-uly üstünlikler hem ýagşy gatnaşyklar bilen gazanylýandyr.

* * *

Zannyýamanlykdan, gara, erbet pikirlerden daşda dur. Şer iş we masgaraçylyk bir zynjyr bolsa, onuň ilkinji halkasy zannyýamanlykdyr. Gara pikir ynsany şer işe, ol bolsa masgaraçylyga eltýändir.

* * *

Ýaş ýigit ýazyga ýol berende, oňa jeza bermän nesihat ber. Sebäbi seniň oňa jeza bermegiň, onuň geljekde haýsy ýoly saýlap almagyna itergi berer. ŸÝalňyşmaýan adam ýokdur. Ýaş, durmuş tejribesi ýok adamyň ýalňyşmagy bolsa, bu dünýäde häli-şindi gabat gelip durýandyr.

* * *

Çaga uly adamlara görä şatlananda, tüýs ýüregi bilen şatlanýandyr. Döwletiň kanunlary hem ähli raýatlara şol çaganyň şatlygy kimin şatlyk getirmelidir. Ol kimdir biriniň bähbidini goraman, ähli raýatlaryň bähbini goramalydyr.

* * *

Şatlyk we gaýgy ynsana Alla tarapyn berlen duýgulardyr. Olaryň nä wagt geljegi ynsanyň özüne

bagly däldir. Ynsan kalby sähel zada şatlanyp, sähel zatda-da gama batýandyr. Käbirleri aýdym-sazdan lezzet alyp şatlansa, käbiri edil şol aýdymy diňläp, gama batyp biler.

* * *

Ynsanyň ähli häsiýetleriniň jübüti bardyr. Ýagşylygyň ýanynda ýamanlyk, adalatyň ýanynda zulum, gaharyň ýanynda bolsa rehimdarlyk bardyr. Ynsan ýagşy gylyk-häsiýetleriň tarapyny tutanda, ol ynsanlygyna galýandyr. Eger ol ýaman gylyk-häsiýetleriň tarapyny tutsa, onda ol haýwan ýaly jan-dardyr. Sebäbi ynsan bilen haýwanyň tapawudy akyladyr. Şonuň üçin hem akylly jandara ynsan diýilýändir.

* * *

Sahy adamyň artykmaçlygy ol dostunyň baýlygyna göz gyzdyrmaz we özi-de baýlyk jemlejek bolmaz. Umuman akylly adam baýlyk jemlemekden daşda durar. Sebäbi baýlyk jemlemek nebisjeňlige elter. Nebis bolsa ynsany rahatlykdan we asuda ýaşaýyşdan jyda düşürer. Adamlaryň hemmesine sahy bolmak başartmaz. Sahylyk üçin baýlygyň çenden aşa bolmagy hökman däl-de, ynsanyň kalby päk bolup, kimdir biriniň kynçylygyny görüp başarmalydyr. Sahylyk pes adamlara mahsus däldir. Sebäbi pes adamlaryň

aýrylmaz häsiýetleriniň biri bahyllykdyr. Sahylyk bilen bahyllyk bolsa bir kalpda orun tutmaz.

* * *

Eger ýurduň hökümdary sahy bolsa, diýmek ol ýurduň raýatlarynyň bagty çüwdügidir. Hökümdar ýurduň ylymly we abraýly adamlaryna halat-serpaý edip, olaryň kynçylyklaryny gözden salmaly däldir. Sebäbi hökümdaryň başyna kynçylyk inende, olar hökümdara ýardam bererler.

* * *

Nämedir bir zadyň başyna baranyňda, ilki bilen ýüregiňde ol işe yhlasyň bardygy ýa-da ýoklugy hakynda ýagşy pikir et. Sebäbi yhlassyz ýürek miwe bermeýän daragt kimindir. Seniň hem wagtyňy bihuda geçirmegiň mümkin.

* * *

Hökümdar ýurduň ylymly adamlaryny aýap saklamalydyr. Sebäbi daýhançylyk etmäni her kes başarar. Emma ylym we zehin belli-belli adamlara berilýändir. Ýurtda alymlaryň köpelmegi ylymyň ösmegine getirer. Ylymyň ösmegi bolsa ýurduň abraýynyň zyýada bolmagyna we raýatlaryň ýaşaýşynyň has gowulaşmagyna getirer. Adyl hökümdarlaryň iň ýakyn ýarany ylym eýeleri bolýandyr.

* * *

Özüňi güýçli saýyp, gözsüz batyrlyk etme. Sebäbi güýçliniň garşysyna güýç bilen çykman, hiledir mekirlik we al bilen çykýandyrlar. Mekirlige garşy diňe mekirlik ulanylanda ýeňiş gazanmak mümkin.

* * *

Her bir mylakatly ýylgyryp seredýän adam dost däldir. Mylakatly ýylgyryşyň we süýji sözleriň aňyrsynda köplenç nähilidir bir bähbit ýatandyr. Emma sen beýle adamy özüňe gaty ýakynlaşdyrma, ýöne daşlaşdyrma hem. Sebäbi olary özüňe ýakynlaşdyran halatyňda, olar içki pikirini amala aşyrmagy mümkin. Daşlaşdyran ýagdaýyňda bolsa, saňa duşman bolmagy mümkin.

* * *

Nätanyş ýerleri özüňe tabyn edeňde, ilki bilen ol ýeriň abraýly adamlaryny we ýaşulularyny özüňe tabyn et. Sebäbi köpçülik ýaşulularyň sözüni diňleýändir we olaryň yzyna eýerýändirler. Olara halat-serpaý et we köşk mejlislerine çagyr. Bu ýagdaý seniň raýatlar bilen ýakynlaşmagyň we özüňi tanatmagyň üçin gerekdir.

* * *

Eger sen hökümdaryň wezipesinden daşlaşsaň hem şol wezipede endik eden endikleriňden daşlaşma. Hökümdaryň salamyna baryp, onuň bilen ýagşy gatnaşykda bol. Şeýle etseň, seniň şol wezipede toplan tejribäň ýene-de gerek bolmagy mümkin.

* * *

Pikiri, düşünjesi bolmadyk adam guldur. Azat adam pikirlenmäni, ýagşy-ýamany, dost-duşmany tapawutlandyryp bilmegi başarmalydyr. Adamlaryň arasyndaky gatlaklar ilki dörände, olaryň akylyna, pikirine laýyklykda döreýär. Akylly adamlar durmuşda özüni nähili alyp barmalydygyny bilip, baýlyk jemläpdirler we ýokary gatlagy emele getiripdirler. Orta gatlak orta pikirli adamlaryň gatlagydyr. Olar durmuşda özüni alyp barmany bilerler. Emma beýlekileri özüne tabyn hem etmez baýlyga-da kowalaşmaz. Aşaky gatlak pikirsiz, aň-düşünjesiz adamlaryň gatlagydyr. Olar ýokary gatlagyň adamlaryna hyzmat ederler we olaryň tabynlygynda bolarlar.

* * *

Hökümdar kimdir birini öz ýanyna wezipä alanda, onuň aslyna seretmelidir. Adam maşgalada terbiýelenip, gylyk-häsiýeti onuň terbiýe alan maşgalasyna mahsusdyr. Şeýle-de ynsanyň köp häsiýetleri nesilden-nesle geçýändir. Eger kimdir

biriniň özi gowy bolup, asly erbet adamlardan bolsa, ol hakynda netijä gelmäge howlukmaň. Sebäbi onuň damarynda akyp duran gandaky häsiýetler bu gün bolmasa ertir özüniň bardygyny habar berer.

* * *

Hökümdar ýalandan ýylgyrýan we gereginden artyk ýagşy görünmek isleýän adamdan howatyr etmelidir. Onuň adam sypaty gara niýetiň daşyna örtülen bolmagy mümkindir. Beýle adamlar hökümdaryň ýanynda özüni yhlasly işleýän görkezip, onuň ynamyna girmäge çalyşýandyrlar. Olar hökümdaryň gapyl wagtyny gözläp gezerler. Ol wagt ýetip gelendigini bilen mahaly bolsa, hiç zatdan heder etmezler.

* * *

Baý adamlar bilen gatnaşyk etmäň. Olar size işi düşende dyza çöküp ýalbarmakdan hem gaýtmazlar. Emma garybyň oňa işi düşende welin, ýardam bermejek bolup ant içip ýalan sözlär. Olaryň toplan baýlygy garyplaryň daban azaby we ganly gözýaşydyr. Baýlaryň toplan baýlygynda garyplaryň hem paýy bardyr. Allatagala baýlara maly-dünýäsinden zekat bermegi parz etdi. Şol zekat hem garyplaryň paýydyr.

* * *

Ýagşy bilen ýamanyň, ýalan bilen dogry sözüň, ylym bilen nadanlygyň nämedigini biljek bolsaň, alymlaryň sözüne gulak goý. Alym bilen gürleşmek, pikir alyşmak lezzetdir.

* * *

Eger kimdir birinden üstün çykmak isleseň, onuň aýbyny gözlemän, özüňdäki aýplardan saplan. Kişi aýbyny gözlemek peslikdir. Sen kimdir biriniň aýbyny gözläp sarp eden wagtyňy haýyr-yhsan işlere sarp etseň, bir adamy masgara etmäge derek, Allanyň we birnäçe adamyň razylygyny gazanarsyň.

* * *

Dogry sözlülik päk kalpda orun tutýandyr. Dogry sözli adamlar adamlaryň arasynda uly abraýdan peýdalanýandyrlar. Emma olaryň ýekeje ýalan sözi süýji nahara zäk taşlananda, naharyň tagamynyň ajy bolşy kimin, dogry sözli adyny ýitirip, hormatdan jyda düşürýär. Ol indi ýitiren mertebesini hiç haçan dolap bilmeýär.

* * *

Hökümdar tagta geçip, ýurdy dolandyryp başlamazdan öň, ilki bilen daşyna pikirdeşlerini we dogry sözli adamlary jemläp, wezipeleri şolara

ynanmalydyr. Pikirdeş adamlarda biri-birine gapma-garşylyk ýüze çykmaz. Dogry sözli adamlar bolsa ikilik etmez. Şeýle adamlar bilen daşy gurşalan hökümdar tagtyndan jyda düşmekden gorkman, bar üns-aladasyny raýatlarynyň müşgil işlerine gönükdirip biler.

* * *

Akyl haýyr-yhsan işleriň çeşmesidir. Ynsan akylyna we düşünjesine daýanyp, şer işlerden daşda durup, haýyr-yhsan işleriň başyny tutýandyr. Aňly diýip, agy-garany saýgaryp bilýän adama diýilýändir. Erbet işleri edýän adam hem akylly bolup biler. Emma olara akylly diýmän, mekir ýa-da hilegär diýilýändir.

* * *

Ýagşy iş etmekçi bolýanyň pikirdeşi we ýarany ýaman, şer işleri etmekçi bolýanyň pikirdeşlerinden we ýaranlaryndan köp esse azdyr. Sebäbi bina galdyrmakdan, ony ýumurmagyň ýeňil bolşy kimin, haýyr-yhsan etmekden şer iş etmeklik has ýeňildir. Emma haýyr-yhsan eden adamyň abraýy zyýada we müdimidir.

* * *

Pikiriňi diňe özüňe pikirdeş we goldajak adamlaryň arasynda aýt. Şeýle etseň kelläňdäki pikiriň amala aşmagy we seniň özüň aman gezmegiň mümkin. Ynsan pikiri onuň edýän işleriniň we hereketleriniň çeşmesidir. Onuň her bir etjek işi pikirde döräp, beden bolsa ony ýerine ýetirjidir.

* * *

Eger kimdir biri saňa ýagşylyk edip, deregine senden hiç zada mätäç bolmasa, onda derrew başardygyňdan onuň ýagşylygyna ýagşylyk bilen jogap ber we borçlulygy boýnuňdan aýyr. Sebäbi borçlulyk uzaga çekse, ol seni saňa ýagşylyk eden adama ruhy taýdan gul eder. Ruhy taýdan bergidar bolmak bolsa, maddy taýdan bergidar bolmakdan has erbetdir.

* * *

Ynsan özüniň daşky keşbi bilen gözel bolman, içki dünýäsi bilen gözel bolmalydyr. Içki dünýäniň gözelligine bolsa kalbyň päkligi we ýagşy pikirde bolmaklyk girýändir.

* * *

Ynsan ýaradylanda oňa az-owlak haýyr-yhsan we şer iş berilýär. Olaryň haýsydyr birini saýlap almak we kämilleşdirmek ynsanyň özüne baglydyr.

* * *

Ýurduň ösmegi we onuň duşmanlardan aman bolmagy üçin raýatlaryň bu ýurdy söýmegi hökmandyr. Ýurduny söýýän we şol ýurt üçin baş goýup biljek adamlar hakyky raýatlardyr. Ýurduny tüýs ýürekden söýýän adamlar uly ýeňişler gazanarlar.

* * *

Kanun hemme üçin deňdir. Ähli adamlar ony gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidirler. Wezipeli adamlar kanuny bozan halatynda kanun mukaddesligini ýitirer.

* * *

Kanun ýagşy bilen ýamanyň, haýyr bilen şeriň terezisidir.

* * *

Adamy herekete getirýän we bir işiň başyny tutmaga mejbur edýän zatlaryň biri ynançdyr. Ynsan ynançdan jyda düşse, ruhy pes bolup, terkidünýälige ýüz urar. Kalbynda ynanç uçgunlary bolan adam üçin, hiç hili müşgüllik bolmaz. Onuň ynanjy oňa güýç-kuwwat berýär we ruhuny belent edýär.

* * *

Ynsany şer işlerden saklaýan zatlaryň biri onuň utanjydyr. Utanç akylyň haýyr bilen şeriň soňky akybetini ölçerip çykarýan netijesidir. Ol ynsanyň daşyna örtülen örtük kimindir. Haçanda ol utanjyndan daşlaşsa, haýyr işleri goýup, şeri özüne ýaran tutunar.

* * *

Eger kimdir birine hajat bilen ýüz tutmak isleseň, ilki ýagşy pikir et. Eger sen ýagşy gylyk-häsiýetli adamdan ýardam sorasaň, ol seniň hajatyňy ýerine ýetirer. Eger sen pes adama ýüz tutsaň, ol saňa ýardam bermän, seni utanmaga mejbur eder. Beýle adama ýüz tutanyňdan, duşmanyňa ýüz tutanyň hem gowudyr.

* * *

Hökümdaryň aýdýan sözi onuň edýän hereketine laýyk gelmelidir.

* * *

Wada etmek gury söz hem bolsa, ol ençe hupbatlar bilen ýerine ýetirilýändir.

* * *

Haýyş hem arassa söýgi kimin, päk kalpdan syzylyp çykýandyr.

* * *

Haýsy hem bolsa bir döwri söýmek, şol döwrüň hökümdaryny söýmekdir. Sebäbi şol döwrüň ýagşy ýa-da ýaman bolmagy şol döwrüň hökümdary bilen baglydyr.

* * *

Hökümdar kimdir birine gazaplansa-da, gazaplanýan adamsynyň güýji ýetjek derejede gazaplanmaly. Eger güýji ýetmeginden artyk gazaplansa, hökümdaryň oňa zulum etdigi bolar.

* * *

Kynçylyga düşene ýardam goluňy uzat. Keç ykbal ýolunda çukurlar kändir. Sen hem şol çukurlaryň birine düşäýseň, saňa-da kimdir biri ýardam goluny uzadar.

* * *

Eger hökümdar özüniň mejlisinde kimdir birini köteklese, sen hem köteklenýän Adamyň arkasyny almak isleseň, onda seni soltanyň gazabyndan halas

edip biljek adamyň bardygy ýa-da ýokdugy hakynda ilki pikir et we ondan soň bu meselä goşul.

* * *

Eger kimdir birine baha bermek isleseň, onuň gürleýän gürrüňine görä däl-de, onuň edýän işine görä baha ber.

* * *

Özüňe buýsanmazlygy başarmak iň uly buýsançdyr.

* * *

Eflatundan: «Ynsan asuda, rahat ýaşap bilermi?» diýip soralanda, ol: «Hawa, Özinden özüni goramagy başaran ynsan rahat ýaşar» diýip, jogap berýär. Ondan: «Ol nähili?» diýip soralanda, ol: «Ýalňyşlyklardan, şer işlerden daşda durup, az baýlyga kanagat edip, nebsini jylawlamagy başaran adam durmuşda uly üstünlik gazanar» diýip jogap berýär.

* * *

Ýene-de Eflatundan: «Käbirleri özleriniň haýbatly sesi bilen hemme zady kiçeltmek ýa-da peseltmek isleýärler. Ol näme üçin beýle bolýarka?» diýip soranlarynda, ol: «Beýle adamlar özleriniň

nadanlygyňa bil baglap, haýbatly sesi olar bilen ömürlik galýandyr öýdýärler» diýip jogap berýär.

* * *

Ynsan geçen ýagşy günlerini ýatlap, onuň dolanyp gelmegine umyt edip ýaşandan, ertirki geljek gününiň aladasyny edip ýaşany gowudyr.

* * *

Duşmanyň bilen göreşe gireniňde gazaplanmagyn. Sebäbi gazabyň tabynlygyna düşen, duşmanyň tabynlygyna düşer.

* * *

Ynsan özüniň isleginiň tabynlygyna düşmeli däldir. Sebäbi ynsanyň käbir islegleri ony asuda, rahat ýaşaýyşdan jyda düşürip, erbet hala eltýändir.

* * *

Ähli derdiň dermany bolşy kimin, ähli kyn meseläniň hem çözgüdi bardyr.

* * *

Ylym hakynda ýa-da ylmyň adyndan gürleýän adam päk göwünli, terbiýeli, erjel we ylmy söýýän adam bolmalydyr.

* * *

Ylma gyssanmaçlyk bilen ýetip bolmaz. Zehin, aň we yhlas bir ýere jemlenen wagty ylma ýetmek mümkindir.

* * *

Şol ugurda hereket etmän, başaramok diýmek ýaltalygyň alamatydyr.

* * *

Garyplyk, mätäçlik çekýän adam nämedir bir zat islände, ýoluny ýitiren batyl kimindir. Emma garyplygyň hem gowy tarapy bardyr. Ol isleýän hajatyna ýetende alýan lezzetini hiç bir lezzet bilen deňäp bolmaz. Garyp asuda we rahat ýaşap, durmuşdan lezzet alýandyr. Baý adam maddy taýdan baýdyr. Emma ol ruhy taýdan garybyň hem garybydyr.

* * *

Sen nämedir bir zady söeniňde, sen bilen perwaýsyzlygyň arasyndaky tutulan tuty syrylýar.

Ölüm howpy abananda, sen bilen haýyr etmek isleginiň arasyndaky tutulan tuty syrylýar.

* * *

Sen bilen utanjyň arasyndaky tutylan tutunyň syrylmagy haýasyzlyga, haýasyzlyk bolsa masgara bolmaklyga we adamlaryň gözünden düşmeklige eltýär.

* * *

Azatlyga bolan ymtylyş we isleg ol adamy azatlyga elter.

* * *

Ussat mugallym ilki bilen özüniň şägirtlerini we okuwçylaryny özüne tabyn etmegi başarmalydyr. Diňe şeýle edende ol üstünlik gazanar we özünden soňky nesle ylmyny galdyrar. Okuwçylaryny diňledip bilmedik mugallymyň bolsa niýeti amala aşmaz. Ol öz işini ýigrenip, ylymdan daşlaşar. Şeýle ýagdaý mugallymy we onuň şägirtlerini erbet hala getirer.

* * *

Eger hökümdar saňa nädogry ýol salgy berse-de, onuň diýenini derrew berjaý etme. Sebäbi ol seni synap

görýän bolmagy-da mümkin. Eger-de ol ýalňyşyp, saňa beýle ýoly salgy berýän bolsa, onda sen onuň diýenini ýerine ýetirme. Haçanda ol özüniň salgy beren ýolunyň ýalňyşdygyna göz ýetirende, ol saňa sag bolsun aýdar we minnetdarlyk bildirer.

* * *

Wagt biwepa ýoldaşdyr. Ony özüne dost tutunan, nurana keşbinden we kuwwatly bedeninden jyda düşer. Wagtyň tabynlygyna düşen ynsan, özüniň güýç-kuwwatyny ýitirip, ömrüni bihuda geçirendigini duýman galar.

* * *

Ynsanyň iň ýagşy gylyk-häsiýetiniň biri utanç-haýadyr. Utanç-haýany özüne ýaran tutunan, aýyp işlerden daşda bolar. Utanç-haýadan jyda düşen, masgaraçylyga duçar bolar.

* * *

Eger lybas ynsanyň aýyp ýerlerini ýapýan bolsa, utanç-haýa ony ähli masgaraçylyklardan gorap saklaýar.

* * *

Kemala gelen ýurduň hakynda erbet söz aýtmagyn. Sebäbi sen bu ýurduň gujagynda önüp-ösüp, onuň goýnunda bitýän miwedir tagamlardan iýip kemala geldiň. Bu gün oňa şyltak atmak, ene-ataňa şyltak atmaga deňdir.

* * *

Eger ynsan üçin «Iň mukaddes zat näme» diýip sorasalar, onda säginmän «Watan» diýip jogap ber. Watan hem eneň-ataň kimin ezizlikleriň biridir.

* * *

Dawa, jenjel gözleýän şermende bilen jedelleşmäň. Ol sen ýanyndakaň zat diýmese-de, seniň ýok ýeriňde saňa töhmet atyp, seni masgara etmäge çalşar.

* * *

Ömrüni dogry işler edip, haýyr-yhsan bilen meşgul bolan adam ölýän däldir. Onuň ady adamlaryň kalbynda ebedi galar.

* * *

Eger kimdir biri başga ýurda göçüp barsa, onda ol ýeriň urp-adatyny, dinini we kada-kanunyny sylasyn.

Sebäbi diňe ýokarda agzalanlary berjaý eden adam bu ýeri özüne ýurt tutunyp biler.

* * *

Ynsanyň iň gizlin häsiýetleri hem ol sapara çykanda äşgär bolýandyr.

* * *

Ynha şeýdip, Allanyň ýardamy bilen «Parasatly sözler» atly kitap tamam boldy. Bu kitap 860-njy ýylyň şowwal aýynda, Bagdatda musulman kätip Ýakut Mustagsymy tarapyndan göçürülip gutaryldy. Goý, Beýik Allatagala öwgüler, onuň pygamberi Muhammede bolsa salawatlar bolsun!